ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ ÝoKARY WE ÝÖRITE ORTA

BILIM MINISTRLIGI

BERDAK ADYNDAKY GARAGALPAK DOWLET UNIWERSITETI

GARAGALPAK FILOLOGIYaSY FAKULTETI

TURKI FILOLOGIYa KAFEDRASY

Fakultet dekany:

_____________ dots. Turdybaew K

«______» ________ 2011-nżi ýyl

5220100 – filologiya we dilleri okatmak (turkmen filologiyasy) bakalawr ýönelişiniň 4-kurs talyby Gurbanklycewa Tumaryň «Orta mekdepde poemalary okatmak usulyyeti» mowzugyndaky

# Gutardyş kesplik işi

Goramaga rugsat berildi

Türki filologiýa kafedrasynyň

mudiri:

__________ Adilowa G.

«_______»___________ 2011-nżi ýyl.

**NOKUS - 2011**

Döwlet Attestatsiýa Komissiýasynyň

KARARY:

5220100 – filologiya we dilleri okatmak (turkmen filologiyasy) bakalawr ýönelişiniň 4-kurs talyby Gurbanklycewa Tumaryň «Orta mekdepde poemalary okatmak usulyyeti» diýen mowzukdaky gutardyş kesplik işine

«___________» ball goyulsyn

DAK başlygy: _______________ __________________

DAK orynbasary: _____________ __________________

DAK agzalary: _______________ _________________

**Mowzuk: Orta mekdepde poemalary okatmak usulyyeti**

**Meyilnama:**

**Giriş.**

**I BAP. Poema eserlerini öwrenmegiň ylmy nazary esaslary**

**II BAP. Poemalary öwrenmegiň metodikasy**

**III BAP. Poemalary okatmagyň dowamynda metodlardan peydalanmak usullary**

**Täze pedagogik tehnologiýanyň usullaryndan peydalanylmaga hodurlenyan interaktiw metodlar.**

**Netiże.**

**Peydalanylan edebiyatlar.**

# GIRIŞ

«Bu dunyade diňe bir mesele bar – adamlara durmuşdan ruxy ganmak duygksyny gaytaryp bermek gerek. Ruxy baylyksyz kalb daşa owrulyar… Kamillige gonukdirilen islegi terbiyelemek lazym»

**(Sent Ekzyuperi)**

Ozbegistan Respublikasynyň Prezidenti I.A.Karimow 1997-nżi ýylyň 29-nży awgustynda Ozbegisitan Respublikasynyň yokary meżlisiniň 9-nży sessiyasynda eden syyasy dokladynda «Umumy bilim beryan we kesp mekepleriniň reformasy başlandy. Munda okatmagyň netiżeliligini artdyrmaga, ýaşlary özbaşdak ýaşamaga we zaxmet cekmegini gowulandyrmaga, taze żemgyýetiň aňly guryżylaryny terbiyelemage aygytly görnüşde ýetişmegimiz zerurdyr» - diyip bellap gecdi. Prezidentimiziň bu gorkezmesi xalk bilimi ýönelişine bagly bolan axli axmiyetli problemaly meseleleri giňişleýin düşünmäge metodik esas bolyar. Şonuň bilen birlikde Prezidentimiz: «Osup gelyan ýaş nesil xakynda oylanyp, sagdyn, kamil osyan adamy terbiyelemage ymtylmak – bu biziň milli sypatlarymyz»dygyny xem erlikli bellap gecyar. Biziň yurdumyzda garaşsyzlyk yolundaky ilkinżi gadamlardan başlap, ruxy gadyr-gymmatlyklarymyzy gayta tiklemage, mundan beylak-de osdurmage, milli bilim sistemasyn kämilleşdirmäge, onuň milli esaslaryn berkleşdirmäge, olary döwüriň talaplaryna gora uýgunlaşdyrmaga, dunya standartlary dereżesine cenli gotermage uly uns berilip dur.

Ine, yurdumyzda bilimlendirmek ugrunda amala aşyrylyp durlan reformalary xasaba alyp, turkmen edebiyatyny okatmak metodikasy dersini umumy orta bilim beryan mekdeplerde okatmagy tazece gözgaraýyşdan

seredip cykmak bugunki gunun iň axmiyetli wezipelerinden bolup xasaplanyar. Geleżekki filolog kadrlar mekdepde turkmen edebiyatyny okatmagyň usullaryny giňişleýin owrenmegi, okatmagyň tiplerini we sapak tiplerini gecilyan materialyň xarakterine seredip saylap bilmegi zerurdyr. Şonuň ucinem turkmen edebiýatynyň mugallymy turkmen edebiyatyny okatmak metodikasynyň printsipial meselelerini, metodik reżelerini owrenman, turkmen edebiyatyndan metepde sapak bermegi mukin dal. Şonuň ucinem edebiyatcy mugallymlaryň öňünde uly żogapkärçilikli wezipeler keserlip dur.

Edebiyaty okatmak we şunuň icinde ceper eserleri okatmak (poemalary) başga derslerden aratapawutlanyp duryar. Şoňa gora-de muny okatmaklygy sungatyň bir görnüşi xokmunde baxalansa, edebiyatcy mugallymyň işini bir sungat xoкmunde seredilse bu oran oňuna düşerdi. Sebabi kopculik alymlar edebiyaty okatmaklygy sungat bilen deňeşdirýarler. Amalyyetcilik nukdayy nazaryndan serdenyanler bolsa edebiyaty okatmak usulyyetini dersleriň gecilmegine bokdencsiz komek beryan, xer bir dersiň oňat we netiżeli bolmagyna amaly yardam beryan ugur diyip bilyarler.

Edebiyaty okatmak usulyyeti birinżi nobatda edebiyaty okatmagyň, yagny edebi bilimiň maksady we mazmuny xakdaky ders bolup xasaplanyar. Xemmamize malim bilimiň axli basgancaklarynda inee, şu beyleki dersler yaly osup gelyan Ýaş nesle – okuwcylara niyetlenendir. Bilim protsesindaki axli dersleriň esasy maksady we mazmuny okuwcylarda - osup gelyan ýaş nesilde belli bir ugura xas bilimleriň esaslaryny şekillendirmek, şularyň esasynda olaryň bay ruxy alemini yaratmakdan, doretmekden ybaratdyr. Bu wezipani amala aşyrmakda ceper edebiyat bilen

deň gelyan birde-bir ugur yok diyip cekinman aydyp bilyaris. Ceper edebiyat ayratyn şaxsa xem, putin żemgyýete xem guycli dereżede tasir edip bilżek mumkinciligine eyedir. Ol żemgyýetiň oz-ozuni bilmeginde, ony ynsanperwer etmekde caksiz mumkinciliklere eye. Edebiyat sotsial aňyň bir görnüşi sypatynda ozunde xalkyň yadyny żemläp bilyar, onuň axlak ruxy gadyr-gymmatlyklaryny asyrlardan-asyrlara, nesillerden-nesillere alyp gecyar.

Edebiyaty okatmak usulyyeti dersi garaşsyzlygyň mynasybeti bilen özüniň duyp ozenini tapyp baryar. Mundan buyana edebiyaty okatmak nazaryyeti däpleşen okadyş usulyyetinden daşlaşyp, reň-bereňlige ymtylmagyň barxa giň gerim alyp baryanlygy goze ilyar. Bu edebi xadysalara estetik taydan ýandaşmaklygyň barxa osup baryanlygy, medeni mirasa bolan gatnaşygyň ynamly adim adyandigi goze düşýär.

Xazirki wagtda Umumy orta bilim mekdepleri, akademik litseyler, kesp-xunar kolleżleri, yokary bilim duzumi ucin doredilyan birnace derslikler, usulyyet we okuw golanmalarynyň taze nesilleri yuze cykdy. Birinżi gezek edebi bilimiň dowlet talim standarty doredildi. Onuň kämilleşmek protsess Yene-de dowam edip dur. Şu protsesde däpleşen talimdaki, bilimdaki iň oňat ustunlikleri saklap galmak bilen birlikde dünýäniň ylmy-dersi, ayratyn xem psixologiyasy, pedagogikasy we metodikasy ugrundaky iň taze we oňat nusgalara türgenleşmek, uýgunlaşmaklyk nazara alynyar.

Ayratyn xem okatmakdaky talim, terbiye, ösdüriżi maksatlaryň dogrulygy metodologik esas sypatynda kabul edilyar. Bularyň edebi talimdaki däpleşen yoneliş bilen zamanagoy talaplary ozara birleşdirmekligiň yoly sypatynda alyp seredilmegi żüpüne düşýär.

Bugunki gunde xabarlandyryş akymynyň aygytly adim ätmeginiň guyclenmegi, kompyuter we umuman texnika alemi ynsan durmuşynda giň we berk orun alyp baryan bir zamanda, zeminde kitaby okamak, okyżylyk meselesiniň Yene-de aktualllygy yuze çykaryşy yone yerden dal. Kitap we okyżylyk insanyň ruxy äleminiň boleklenmeyan bolgei eken, onda kitap okamaklygy owrenmek, okyżynyň ruxuny şekillendirmek talim-bilim protsesindaki iň esasy wezipe bolup galyar.

Geleżekki edebiyat mugallymy özüniň iş xyzmatlarynda okuw-terbiye protsesleriniň ynsanperwerleşmegine, bilim protsesinde xer bir okuwçynyň ayratyn, ozune maxsus bolan tebigy-dörediżilik mumkinciliklerine uns bermegi maksada layyk bolyar. Ceper edebiyat oňat insanylyk xasiyetleri terbiyelemekde, durmuş we ozara dostluk gatnaşyklary yokarlandyrmakda, osup gelyan ýaş nesilde yokary ruxy xäsiýetleriň şekillenmeginde we osmeginde uly mumkincilik beryan duygulary bilen unse layykdyr.

Ine, şeýle pikirlerden ugur alan edebiýatyň bir bolegi, onuň uly bir żanrlaryndan biri epiki eserleri, şonuň icinde poemalary okatmak usulyyeti-de yokardaky yaly printsiplerden ugur alyar. Bu bolsa xazirki zaman talim, bilim protsesiniň ustunliklerine dayanyar. Şunuň ucinem umumy bilim beryan mekdeplerde iri gowrumli eser bolan poemalary okatmak we olary okatmakda usulyyetlerden peydalanmak meselesi aktuallygy yuze cykaryar. Şonuň ucin biz şeýle aktuallygy nazarda tutup, özümiziň kesplik işimizde orta mekdeplerde poemalary okatmagyň kabir usulyyetlerini barlaga cekmegi goz öňünde tutdyk.

Usulyyet aslynda pedagogika, psihologiya yaly ylymlar bilen pugta baglanyşyklydyr. Şol sebäpli-de ylmyň her bir pudagynyň gazananlaryny

äşgär etmek, düşündirmek, onuň amaly taýdan ornaşdyrylyşyny gazanmak, umuman alanyňda, ylmy netiżeleri iş ýüzünde durmuşa geçirmek üçin oýlanyşykly çemeleşmeler, barlaglar hokmany bolýar. Mysal üçin ceper eserler, şonuň icinde poemalar we ony öwrenmegiň usulyyeti ylym hokmunde öwrenilmäge degişlidir.

**Işiň maksady we wezipesi.** Işimiziň öňüne goýan maksat we wezipesi-de umumy bilim beryan mekdeplerde poemalary okatmak usulyyeti, poemalary okatmakda häzirki zaman pedagogik tehnologiýanyň usullaryndan yerlikli peydalanmak we okuwcylara poemalar boyunca giňişleýin düşünżäni bermekden ybaratdyr. Onuň üçin biz aşakdaky ýaly wezipeleri yerine yetirmekligi öňümize maksat edip goýduk we oňa amal etdik:

- umumy bilim beryan mekdeplerde poemalary okatmak usulyýetlerini aýdyňlaşdyrmak:

- poemalary okatmakda täze pedagogik tehnologiýanyň usullaryndan peýdalanmagyň tärlerini bilmek:

- turkmen poemalarynyň esasy gurluşyny owretmek:

- poemalary okatmakda olaryň cepercilik axmiyetini kesgitlemek.

- poemalary ceper analiz etmekligi owretmek:

- epik eserleriň ozune maxsus xasiyetlerini düşündirmek:

Gaxrymanlaryň xer biri xakda durup gecmek:

Poemalaryň sýażet we kompozitsion gurluşyny düşündirmek yaly meseleleri metodika esasda bellemek.

**Temanyň aktuallygy.** Turkmen edebiyatynda poemalaryň żanr we forma xasiyetleri, onuň sýażet we kompozitsion gurluşy, poemalary

yazmakda ýazyży-şaxyrlaryň ussatlygy yaly meseleleri owretmeklik goz öňünde tutulýar. Bu zerurlygyň ucin-de edebiyat kursy owrenilyar. Hazirki wagtda metodika we edebiýatşynaslykda birnäçe meseleleri giňişleýin owrenmeklik ylmy mesele edilip goyuldy. Şonuň üçinem biziň bu kesplik işimiziň esasy wezipesi we maksady umumy bilim beryan mekdeplerde poemalary okatmak usulyyetini bilmek yaly meselani owrenmek, haysydyr bir meselani başgaça düşündirmek, öňden mälim maglumatlara täze röwüş bermeklige synanyşyk etmekden we ony yerine yetirmekden ybarat. Ine, kesplik işimiziň esasy aktuallygy hem şundan gelip çykýar.

**Temanyň öwrenilişi.** Şeýlelikde, biziň öwrenýän obyektimiz orta mekdepde poemalary okatmak usulyýeti babatynda bizden öňem metodikada, edebiýatşynaslykda birnäçe ylmy işler ýazyldy. Mysal üçin, O.Yazymow, A.Myratdurdyew. «Edebiyaty okatmak metodikasy», Aşgabat, 1964, T.Taganow «Ene dilini okatmagyň metodikasy boyunca ocerkler», Aşgabat, 1965 O.Yazymow. Edebiyaty okatmak metodkiasy. Aşgabat, 1993 atly ylmy işlerde türkmen edebiyatyny okatmak meselesi hakynda aydylyp gecilyar.

Ine, şeýle degerli işleriň ýazylmagy biziň bu kesplik işimizi yazmagymyza kop itergi berdi, pikirimizi oýarmaga kömek etdi. Biz işiň dowamynda ýokardaky ýaly alymlaryň ylmy teżribelerine, häzirki zaman pedagogik tehnologiýanyň teżribelerine daýanyp, orta mekdepde poemalary okatmagyň usulyyeti hakdaky barlagymyzy dowam ederis.

**Işde ulanan metod we metodologiya.** Biz bu işde deňeşdirme, deňeşdirme-tipologiyaly analiz metodlaryndan peydalandyk.

**Kesiplik işiň gurluşy.** Bu iş giriş, netiżeden başga esasy üç bapdan ybarat.

## I BAP. Poema eserlerini öwrenmegiň ylmy nazary esaslary

XX asyryň 90-nżу ýyllarynyň başynda Ozbegistan Respublikasy Garaşsyzlygy gazanandan soň, syyasy-ykdysady, żemgyýetçilik ýönelişde birnace özgerişler, bilimlendiriş ugrunda-da reformalar yuze cykdy. Şonuň bilen birlikde xalkymyzyň bibaxa ruxy gymmatlyklaryny gayta tiklemage we gadyrlmaga giň yol acyldy. Garaşsyzlyk ideologiyasy kop milletli Ozbegitan xalkynyň watanperwer ideya, azat we paraxat watan, erkin we abadan durmyşy gurmak yolundaky kop asyrlyk arzuw-armanlary, durmuş ideyalaryny ozunde żemleýär. «bilimlendirmek xakynda»ky Kanun, «Kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasy» yaly taryxy xüżżetler, bilimlendiriş ugruna żogapkärçilikli wezipeleri yukledi. Zamanyň talaplaryna żogap beryan okuw reżelerini, maksatnamalary, metodik gollanmalary işläp cykmak bugungi günüň axmiyetli pedagogik işleriň biridir. Şu gözgaraýyşdan seredenimizde umumy orta bilim beryan mekdeplerde edebiyat dersini okuwcylara owretmek we okatmak iň axmiyetli metodik meselelerden xasaplanyar. Mekdep okuwcylaryna turkmen poemalaryndan bilimiň esaslaryny owretmek gundelikli sapagyň dowamynda amala aşyrylýar. Mugallym maksatnamada berlen ceper poema eserleri boyunca nazary bilim we terbiye bermekde diňe okuw dersliklerindaki tayyar materiallar bilen caklenip galmaly daldir. Oňa goşmaça ylmy metodik we pedagogik edebiyatlar bilen gollanmalary okap cykyp, onda beyan edilen ustunlikleri sapaga girizmekligi zerurdyr. Mugallym tarapyndan saylap alnan poema eserleri okuwçylaryň bilim dereżesi bilen ýaş ayratynlygyna gabat (dogry) gelmegi we okuwçylaryň dörediżilik ukyplylygyny artdyrmagy zerurdyr. Turkmen poemalaryny

okatmak arkaly okuwcylarda estetik we etik, watansöýüżilik, adamkarcilik duygularyny osdurip we kämilleşdirip baryarys. Mysal ucin, umumy orta bilim beryan mekdebiň 9-nży synpyna bagyşlanan XX asyrdaky turkmen edebiyaty okuw dersliginde poema eserlerini didaktik analiz bilen öwrenmegiň meselelerine uns bereliň: Derslikde berlen poema materiallary xronologik tertipde berlen. Şonuň ucin 50-60-nżi yyllar turkmen poemalaryny okatmak meselesine uns berip, didaktik printsipte owrenmek usullaryny analizlap gecyaris. XX asyryň turkmen edebiýatynyň 50-60-nżi yyllaryndaky poemalar K.Gurbannepesow, B.Xudaynazarow, G.Seytliew we başgalaryň dörediżiligi bilen baglanyşykly osyar, ideya-tematik taydan kämilleşip baryar. K.Gurbannepesowyň poema eserlerini mekdep okuwcylaryna öwretmegiň didaktik usulyndan peydalanyarys. Şaxyryň poemalary xer xili tematikada yazylypdyr. Onuň «Ayal bagşy», «Yurek poemasy», «Gumdan tapylan yurek», «Ataw e ogul» yaly poemalarynda ynsan tagdyry, adamlaryň durmuşdaky omiri suratlandyrylyp, eserde adamkarcilik duygular beyan edilyar. «Ataw we ogul» poemasyny okuwcylara ceper labyzly edip bermek usulyndan peydalanylyp düşündirilse maksada layyk bolyar. Poemada kolxozcy yigit Esenin oz bagtyny ozi gurmak ugrundaky göreşi, oz atasynyň nadogry xereketlerine garşy alyp baryan göreşi barada soxbet acyar.

Eserin baş gaxrymany Esen terbiyeli traktorcy yigit. Ol durmuşa tazece goz aylamagy başarýar. Könäniň kopculige, ayratynam kakasy yalylara etiryan yaramaz tasirini duyyar. Eserde göreşiň esasy duwni edilip maşgaladaky garşylyklar alynyar. Eseniň soyguden we ynamdan doly ýaş yuregi, egsilmez xyżuwy, yanbermez gayraty, żemgyýetçiliň öňündäki parzy diyip bidyar. Yagdaya duşunżeli goz yetiryan ýaş yigig yrgalykdan

xem xalas[1]. Ol şadyýanlykdan xem payyny gidermandir. Ine, eserde şeýle garymany suratlandyrmakda şaxyr obrazlylygy duyup ceper poetik usullardan yerlikli peydalanylyp, eser okyżyny tasirlendiryar. Berlen poemadan tekst uzundilerini okuwcylara didaktik usulda owredip, eseriň mazmunyny düşündirýäris. Poemada zaxmetsoyerlik, paklik, gozellik meseleleri beyan edilyar. Poemanyň ideyasy okuwcylary zaxmet cekmage, adalytly bolmaga, paklige, kicipeyillilige, adamkarcilige cagyryar. K.Gurbannepesow lirik şaxyr bolansoň onuň poemalary goşgy setirleri bilen yazylypdyr we olar poetik taydan ýeňil, düşnükli yazylypdyr. Okuwçylaryň aňyna didaktik analiz arkaly tiz yetip baryar. Şaxyryň poemalaryna edebiyat dersliginde yetukli analiz edilmandir. Diňe şaxyryň liriki we epiki poemalary xakynda filosofiki, cepercilik taydan analiz berilipdir. Şu sebapleri xasaba alyp, şaxyryň poemalaryny ideya-tematik ýönelişinde düşündirmek oňaýly netiżäni berip biler. Okuwcylara şaxyryň poemalaryny owretmek ucin ilki poemanyň tematikasy xakynda, ikinżiden poemanyň ideya ceperciligi xakda düşünżeler bermeli.

Şonda şaxyryň xer bir poemasy düşnükli we anyk bolup, okuwçylaryň düşünżelerinde uzak saklanyar. Emma müň gynansak-da xazirki turkmen edebiyaty boyunca okuw dersliginiň ýazylyşynda az-kem barden gaytmalar bar. Şonuň ucinem turkmen edebiyatynda poemalar xakynda magumatlar kem berilipdir. Emma oňat derslik – bu okuwcylary edebiyat sapaklaryna gyzyklanmagy artdyryar. Okuwcylar koprak dersligiň materiallaryna dayanyp, berlen tabşyrmalary yerine yetirip osdurip baryar. Ders mugallymy mumkinciligi boldugyca kopculik materiallary şaxyryň

---

[1] Türkmen edebiýatynyň taryxy. Aşgabat, 1982. 134-sax.

kitaplaryndan, toplumlaryndan, şol xakda yazylan ylmy işlerden alyp, olary didaktik gözgaraýyşdan analizlap okuwcylara owredip barmalydyr. K.Gurbannepesow özüniň «Taymaz baba» poemasynda we «Ayal bagşy» poemalarynda goşgynyň dialog görnüşini ulanypdyr. Bu usuly şaxyr poemadaky aýtżak bolyan pikiri çuňlaşdyrmak, dramatizmi guyclendirmek maksadynda gollanyar. Şaxyr xaysy usuly ulansa-da poemanyň okyża tasirli bolup çykmagyň tarapyny gozleyar diyen pikirleri bildiryar awtorlar. Bu pikirleriň maysyna okuwcy naxili düşünmegi mumkin. Birinżiden, okuwcy şaxyryň poemalarynyň tekstini gormedik bolsa, ikinżiden poemanyň ideya-tematik ýönelişini bilmese, üçünżiden, poemadaky dialog diyen termini düşünmese. Şonuň ucin ders mugallymy şaxyryň poemalary we goşgular toplumy boyunca xer bir poemasyna didaktik analiz işlemeli. Poemalarynyň ideya-tematik, lirik ýönelişinde düşündirip, okuwcylar ucin terbiýeleýżilik xasiyetini aydyp gecmelidir. Şaxyryň 50-70-nży yyllarda yazylan poemalarynyň mazmuny, obrazlary we ceperciligi bilen okuwcylary tanyşdyryp, düşünże bermelidir. Xer bir poemanyň ideya ýönelişini okuwcylara mysallar bilen, ceper okaýyş, labyzly okaýyş usuly bilen aydyp gecmegi lazymdyr. Şu dowurde turkmen poemalary xakynda okuwcylar didaktik usul bilen düşünże alanda şu taraplaryny bilmegi lazymdyr[1].

1. Okuwcy owrenilyan poema eseriniň ideya-mazmunyny, eserdaki lirik gaxryman we epik gaxrymanlaryň iş-xereketlerini, gylyk-xasiyetini dogry baxalap, eseriň wakasy we gaxrymanlaryny suratlandyrmakda şaxyryň ulanan suratlandyryş usullaryny testden dogry gorkezip bilmegi lazymdyr.

[1] Ýazymow O. Edebitiýaty okatmak metodikasy. Aşgabat, 1991., 57-sah.

2. Şu dowurdaki poema eserlerini, olardan alnan parcalary, böleżikleri tasirli okamak, yadlap almak, yaly usullaryndan peydalanylmalydyr.

3. Poema eserleri boyunca pikir bildirmek, beyannamalar we referatlar tayyarlamak gerekdir.

Şeýle xem K.Gurbannepesowyň poemalaryn okuwcylara sapak görnüşleri we metodlar arkaly da owredip baryarys.

Naxili sapak görnüşlerinden peydalananymyzda mowzuk gowy düşnükli bolmalydygyny pikirlenip, poema eserlerini didaktik analiz usuly bilen düşündirip gecyaris.

Analiz meselesini mugallym dogry düşünip, xer bir analiz boyunca doredižilik gatnaşykda bolup, analiz görnüşleriniň maksat we wezipelerini bilmek arkaly lirik we epik poemalary barlag, anliz etmek mumkin. Mysal ucin, filologik analiziň dowamynda filosofik, estetik, psixologik analizler-de aralaşyp gidyar. Emma didaktik analiz bu maksatnamada gorkezilen bellenilen sagatlara caklenip, pedagogik printsipleri-de xasaba alyp, poema eserleri analizlenyar.

Edebi eserleri analiz etmekde olaryň žanr we görnüş xasiyetleri ayratyn axmiyete eye. Eseriň žanr we görnüşi ony analiz etmeklige maxsus bolan metod we usullaryň bellenilmegine esas bolyar. Belli metodist M.A.Rybnikowa «metodik» usullary eseriň tebigaty belleyar… Balladany meyilnama esasynda analizlemek mumkin, Emma lirik eserleri welin meýilleşdirmek maksada layyk bolmayar. Kiçižik xekaya dolulygyna okalyar we analizlenyar. Romandan ayratyn, belli bir baplary bolup alyarys, olaryň birini klass otagynda, beylekisini oyde, üçünžisini weli icgin analizleyaris we mazmuna yakyn xalda gaytadan gürrüň beryaris, dördünži,

bäşinżi, altynżylary welin tiz analizlap, gysgaca gaytalap gürrüň beryaris, edinżi we sekizinżi baplarynyň parcalary bolsa ayratyn okuwçylaryň ceper okaýyşlary görnüşinde berilyar»[1].

Bularyň axlisi edebi eseriň anlizinde onuň żanr we görnüş xasiyetleri ayratyn axmiyete eyedigini gorkezmek maksadynda ulanylyar. Prof. K.Ýuldoşýewiň yazmagyna gora, «xer xili edebi eserler bilen iş alyp baranymyzda analiz usullary duybunden ozgerip gitmeyar, Emma okuwçynyň esere ýandaşmaklygy, gatnaşygy ozgeryar».

Munuň oran uly nazary we amaly axmiyeti bar. «Eserleri żanr we görnüş xasiyetlerine gora owrenmek sungatyndan lezzetlenmek, eseri onuň ceper putinligi xem-de gaytalanmayan mazmunyny duymak ukybyny osdurmek nazarda tutulyar»[2].

Edebi eseriň ceper-estetik mazmuny onuň kompozitsiyasyny, yagny ondaky xer xili gaxrymanlar, biri-birine meňzemeýän saxnalar, ayratyn żaý, menziller, wakanyň suratlandyrylyşy, monolog, dialoglar, düýş we başga-da xer xili komponentleriň çylşyrymly düzülişini owrenmek, düşundiriş arkaly özleşdirilýär. Analiziň dowamynda okatmaklygyň xer xili usullaryndan peydalanylyar. Bularyň arsynda edebi labyzly, ceper okaýyş ayratyn axmiyete eye. Cunki ceper labyzly okaýyşda tekstiň asyl mazmuny ilki düşünilýär. Onuň uzak meseleleri okuwçynyň goz öňunde ýeňil beyan edilyar. Ceper okaýyşda ilkinżi ritmiň düşmegi lazym bolan orunlar boleklenip gorkezilyar, olar okuwçylaryň aňyna xem, duygularyna xem guycli tasir edyar.

Gep epik eserleriň topary bolan poemalar xakynda baryandygy sebapli, olarda «xer xili duygy wakalar uzynyna ýerleşdirilendigine» uns

[1] Rybnikow M.A. Ocerki metodike literaturnogo cteniya. – M., 1995, 50-sax.
[2] Bogdanowa O.Y., Lenow S.A., Certow W.F. Metodika prepodawaniya literatury. 136-sax.

berilmegi zerur xalatlar yuze cykyar. Sebabi «gaxrymanlary durmuşy wakalaryň icinde gorkezmek xasiyeti epik eserlerde, şonuň icinde poemalarda ynsanyň icki duygularyny suratlandyrmagyň protsesine ýerleşdirmek mumkinciligi doreyar we okuwcydan bu duygulary özleşdirip almaklyk talap edilyar. Edebiyatcy mugallym özüniň okuwcylarynda ine, şu ukyby – epik eseriň, poemanyň öňündäki ceper manyny bilip alsa we logiki netiżä gelip bilmekligi şekillendirmegi zerur wezipe xasaplamalydyr»[1].

Derslikdaki berlen materiallar koprak filologik analiz esasynda yazylan. Şonuň ucin okuwçylaryň materiallara düşünmegi birnace kyncylyk doretmegi mumkin. Mysal ucin, edebi ceper okaýyş okuwçynyň iş zaxmetindaki esasy metodik guraly bolup bilyar. Ceper okaýşyň dowamynda ayratyn alnan gaxrymanyň, ya-da bir nace gaxrymanlaryň żemi, olaryň eserde tutyan orny, eseriň temasy, ýazyżynyň goz öňunde tutan ceper-estetik maksady, niyeti beyan ediżilik görnüşinde unsi cekmegi mumkin. Meselem, 9-nży synplarda K.Gurbannepesowyň «Taymaz baba» poemasyny okamaklygyň dowamynda ýazyżynyň, şaxyryň saylap alan żanrynyň ozune maxsus xasiyetleri düşündirilmese, okuwcylar bu eseriň, poemanyň asyl mazmunyny, onda nazarda tutulyan ceper-estetik mazmunyň maňzyny cakyp bilmeyarler. Netiżede olardaky xakyky cepercilik yuze cykyar, olar okuwçylaryň aňyna yetip baryar, olaryň kalblaryna degişli duýgularyň peyda bolmagyny gazanmaly.

Umumy orta talim beryan mekdeplerde, akademik litsey we kesp-xunar kolleżleriniň edebi dessurlarynda poemalary owrenmeklik nazarda tutulyar. Şu orunda mekdepleriň 5-nżi synpyndan başlap, ta 9-nży synpyna cenli turkmen ýazyży-şaxyrlarynyň poema żanryndaky eserleri gecilyar.

[1] Ýuldoşew K. Adabiýot ukitişning ilmiý-nazariy asoslari. 127-sax.

Edebi eseriň, şunuň icinde poemalaryň teksti, mazmuny xakyndaky iş ceper bilimiň uzyn meselelrinden biridir. Ol okuwcylary ceper edebiýatyň alemine alyp barmak, suratlandyrylyan waklara awtoryň gatnaşygyny we maksatlaryny bilim almaklygy mumkincilik beryar. Ceper tekstiň ustunde işlemegiň dowamynda okuwcylar poemalaryň poetik manysyny düşünip alyarlar we onuň mazmunyny analizleyarler, mowzugyň analizine uns beryarler, suratlandyrylyan waka-xadysalar, gaxrymanlar we umuman, poema eserindaki wakalaryň ösüşine awtoryň gatnaşygyny anyklamaga xereket edyarler.

Epik żanrda yazylan poemalaryň xer birine ayratyn analiz edilmelidir. Sebabi, kabir turkmen ýazyży-şaxyrlarynyň dörediżiliginde birnace poema eserleri bar. Emma olaryň xer biri özbaşdak ideyany, özbaşdak many-mazmuny, ceper-estetik maksatlary suratlandarmaga gonukdirilendir. Diymek, poemalary analiz edende xem şu nukday nazardan seredilmelidir. Mugallym bu yagdaylary edebiyat sapaklarynda poemalary okatmagyň dowamynda okuwcylara düşündirip gecmelidir.

Edebiyat sapaklarynda poemalary okadanda olaryň xaysy birini analiz edende naxili usul we yollardan peydalanylsa bolar dien sowala bir görnüşdäki żogaby bermek mumkin dal. Bu wezipani ayratyn alnan mumkincilik, yagday, synpyň ozune maxsuslygy, mugallymyň oz bilimi we teżribesinden gelip cykan yagdayda cozmeklik maksada layyk bolyar[1].

Poemalary analiz edende xem okuwçylaryň ýaş ayratynlyklary, olaryň edebi tayyarlygy esasy orunda duryar. Umumy orta bilim beryan mekdepleriň yokarky synplarynda poemalary okatmaklyk reżeleşdirilendir. Poema eserlerini owrenmekde olaryň ozune maxsus usul we şekillerden peydalanylmaga bolyar.

[1] Ýazymow O. Edebitiýaty okatmak metodikasy. Aşgabat, 1991., 67-sah.

Meselem, umumy orta bilim beryan mekdepleriň 9-nżi synpynda K.Gkrbannepesowyň «Ayal bagşy», «Taymaz baba», «Gumdan tapylan yurek» poemalaryny owrenmeklik maksat edilen bolsa, munuň ucin ilki K.Gurbannepesowyň omri we doredižiligi owrenilse, onda şaxyryň edebi mirasy, bu mirasyň diňe bir turkmen edebiýatynyň ösüşinde dal, eysem umumy turki edebiýatyň taryxynda-de, dunya edebiýatynyň taryxynda-da yz galdyrandygy bellenilyar. Soňra şaxyryň poema yazmakdaky ussatlygy gürrüň berilyar we onuň birnace poemalaryň atlary aydylyp gecilyar. Soňra şaxyryň poemalarynyň temasy, ideyasy we ceperciligi xakynda analiz işlenýär.

Okuwcylar poemadaky mazmuna düşnüp bolansoň, onda beyan ediilen zaxmetsoyerlige uly xowes bilen garayarlar. Şeýlelikde bu poemalar okuwcylara estetik we poetik tasir edyar. Myal ucin:

Çäwiş yaly asylżyrap
Zurrux oyun işiginde.
(«Taymaz baba», 37-sax.)

Ya-da bolmasa şaxyryň «Gumdan tapylan yurek»[1] poemasyndaky terbiýeleýżilik setirlerini duşündirenimizde –de şeýle didaktik äxeňleri goryaris.

K.Gurbannepesow, esasan, ösüş taryxymyzda duyarlykly yz galdyran wakalara, şol wakalarda zsasy rol oynan adamlaryň tiplerine, ozboluşly xasiyetlere, durmuşda giň orun alan pursatlara, yagdaylara yuzlenyar. Awtoryň «Gumdan tapylan yurek» (1965) atly kitaby xem şony tassyklayar. Zexmetkeş maşgalasynda gowy terbiye alyp, asuda saxralarymyzda, gum gerişleriniň ulgamlary yayrap giden ginişliklerimizde

[1] Turkmen edebiýatynyň taryxy. Aşgabat, 1982, 140-sax.

osup ýetişen sypayycylykly turkmen gyzlarynyň çekinżeň ýüreginiň, ozunde saklayan baýlygynyň caksizdigi diňe bir şaxyra yada ýazyża dal, xemmelere malim.

K. Gurbanneoesow «Gumdan tapylan yureginde» şol basyrylgy xazynalaryň biri barasynda gurrun beryar. Onda indi boyy yeten, arzuw-xyyaly bişişen ene-atasyz gum gyzynyň uruş yyllarynda başyna düşen xorluklar, aňsat eklenżiň kul-kulune düşen betnebis gelneżesiniň onuň daşynda guryan xileleriniň, mekirlik bilen tylda saklanan, gulluga alynman galan, nayynsap erkeksumaklaryň godek isleginden ugur alyp uzadan neżis elleriniň doreden pes gylyklary, Gülnäziň oz namysyny gorap gorkezen gaxrymancylygy, yanbermez erki, caksiz soygusi we belent ynanży, adamlaryň oňa beren komegi xem-de bularyn oňki kyncylyklary eňip ustun çykyşy bilen okyży birme-bir tanyşdyrylýar. Netiżede, cozgudi nabelli galan şol tagdyryň eyesi gumly gyz Gülnäziň obrazy onuň aňyna xemişelik ornaşýar.

«Gumdan tapylan yurek» atly poemanyň gaxrymany Gulnäziň uruş yyllarynda başyna düşen gun «Aży gunler, süýżi gunlerdaki» Bugra çopanyň Ogulmeňliniňkiden xer taraplayyn tapawutlanyar. Ogulmeňli urşuň agyr şertleri başyna düşüp, kyncylyklary köpüň biri bolup cekyar. Colde xossarsyz galan, özboluşly şertlerde yaşan we goreşen Gülnäziň obrazynyň welin adamyň kuwwatynyň, erkiniň, azatlyga bolan isleginiň caksizdigini ýaňzydan gocme mana eye filosofiki äxeň bar. Onun naz-kereşmeli gyz xalyna tas yekelikde diyen yaly agyr şertlerde ýaşamagy we pasgelciliklere seretmezden, maksadyna tarap gyşarnyksyz goni gitmegi şol pikiri yeterlik tekrarlamaga komek edipdir[1].

[1] Türkmen edebiýatynyň taryxy. Aşgabat, 1982, 142-sax.

Durmuşa, onuň durli taraplaryna umumy esasda akyl etirmage synanyşmak, teżribäň, esasy käriň bilen baglanyşykly işlere, xadysalara ser salmak  olar xakdaky pikirini aytmak poemada uly orun alypdyr.

Ine, şeýlelikde okuwcy poemany okamak arkaly  birinżiden durmuşyň agyr şertlerini, ikinżiden urşuň agyr zerdaby bilen tanyş bolyar. Şeýle xem olaryň goz öňunde gecen dowurlerdaki urşuň gazaply gunleri, xalkyň gynancly tagdyry goz öňune gelyar. Poemanyň uly ustunliklerinden biri baş gaxryman Gülnäziň we onuň başyndan geciren kyncylykly günleriniň wakalaryny suratlandyrmakdan ybaratdyr. Baş gaxrymanyň gayduwsyz oz tagdyry ucin ozi göreşmeginiň ynamly suratlandyrylmagy okuwcylarda gayduwsyzlyga bolan ynamy oyaryar.

Poemanyň mazmuny okuwcylarda uly tasir galdyrandygy sozsuz. Eyle diýmegimiziň sebabi okuwcylar poemany okamak arkaly zaxmet bilen, paklik bilen oz niýetiňe yetip bolżakdygyna düşünip alyarlar.

Poemalary okuwcylara okatmagyň dowamynda beyleki turkmen ýazyży-şaxyrlaryň xem poemalary xakynda maglumat berilip gecilse, mowzuk xas xem giňişleýin düşündirilen xasaplanyar.

Şeýle xem beyleki şaxyrlaryň-da poemalarynda uzundiler, parcalar alynyp, seper teksti okalanda, olar ceper okaýyş arkaly eseriň terbiýeleýżilik axmiyetini dogry düşünip bilerler. Ceper okaýşy tasirli düşündirmek mugallymyň talapżaňlyk usuly xasaplanyar. Xer bir poemanyň mazmunyny, ideyasyny, lirik gaxrymanyň xalatlaryny, psixologik we suratlandyryş usullaryn düşündirmek, didaktik analiz usuly bilen okuwcylara owretmek mugallymdan uly żogapkärçiligi talap edyar. Şeýle xem poemalar düşündirilende, olarda goyberilen barden gaytmalara syn gözgaraýyşyndan baxa bermeklik-de okuwcylar ucin peydalydyr.

Okuwcylarda milli ruxy edep-ikram, estetik terbiye meseleleri poeziya we poemalar arkaly acyp berilyar. Şu esasda «Umumy insany gadyr-gymmatlyklary döerdiżilikli owrenip, özümiziň durmuşymyza alyp gelmek zerurdyr.Şonuň bilen bilelikde milli ozlugimizi asyrlaryň synagyndan gecen dap-dessurlarymyzy, xemişe iman ynanc bilen ýaşamak arkaly omurlik adamkarcilik sypatlarymyzy-da saklap, byadyp barmagymyz zerurdyr» - diyip aydypdy Prezidentimiz[1].

Şonuň ucinem, poema eserleri geleżekde ýaşlary terbiyelemekde, xalkymyzyň milli medeniyetine elbetde ozuniň tasirini yetiryar.Sebabi yokarda mysal getiren şaxyrymyz K.Gurbannepseowyň «Gumdan tapylan yurek» poemasynda turkmen xalkynyň Milli psixologiyasy, adamkarciligi, ruxy dünýäsiniň giňligi we gozelligi xakynda duýgularyň giňişleýin suratlandyrylandygyny goryaris. Estetik duygy diyenimiz ýagşylygyň esasy, adamkärçiligiň esasydyr. Bu anyklamdan malim bolşy yaly, estetik duygular yaman xasiyetlerden daşdadyr, adamyň deňeşdirmeli ekenligine, onuň erkini özbaşdaklygyna, adamyň ruxy baylygyna, fiziki guyclerine dayanyar, esaslanylyar. Esteik duygyny analiz etmeklik uly amaly axmiyete eyedir. Estetik terbiye öňi bilen adamyň duygularyny kämilleşdirmekden başlanýar. Şonuň ucin poemalary estetik duýgynyň, onuň ozune maxsus ayratynlygyny, onuň kämilleşiş yollary bilen osmegine, manysy xakynda dogry düşünżä eye bolmak oran axmiyetlidir. Estetik terbiýäniň poema eserlerindaki umumy wezipesi gozellige, durmuşy gözelligiň kanunlary bilen gorup bilmek ukyplylygy bilen talabynyň osmeginden ybaratdyr. Poema eserlerinde duygular, göwnüň islegi, pikirler bildirilyan, beyan edilyar, omur adamyň goz öňünde diňe bir ýazyżynyň ya-da onuň taryp

[1] Milliy ғarezsizlik ideyasy: tiykarғy tusinik xam printsipler. Nokis, 2001, 6-sax.

edilmegi, gaxrymanyň başyndan geciren wakalary arakaly goz öňümize gelyar. Şonuň ucinem poema eserlerini öwrenmegiň dowamynda okuwcylara estetik terbiye bermek mugallymdan uly żogapkärçiligi talap edyar.

Mekdep okuwcylaryna poema eserlerini öwretmegiň dowamynda estetik terybiyani zaxmet xakynda yazylan poemalary analizlemek araly amala aşyrmaga bolyar.

Sebabi, turkmen edebiyatynda birnace poemalar özüniň tasirżeňligi, emotsional ayratynlygy bilen okyżyny ozune bend edyar. Olarda estetiki terbiýäniň oňat nusgalary çeperleşdirilip beyan edilipdir. Bu bolsa oz gezeginde ýaş nesli terbiyelemekde uly axmiyete eyedir.

## II BAP. Poemalary öwrenmegiň metodikasy

Yokarda bellap geçişimiz yaly turkmen edebiyatynda poemalary owrenmek okuwçylaryň bilimini, nazary düşünżesini, agzeki söýzleýşi we yazuw endiklerini owrenmekde iň axmiyetli metodik meseleleriň biridir. Turkmen edebiyatyny, ayratyn xem poemalary okatmak boyunca yorite metodik gollanma ya-da bir ylmy iş goze gorunmeyar. Şonuň ucin poemalary sapak görnüşleri we metodlar arkaly owrenmek okuwçylaryň turkmen poemalaryna bolan gyzyklanmasyny artdyryar.

Mysal ucin, XX asyr turkmen edebiyatynda 50-80-nżi yyllardaky poemalary sapak görnüşi arkaly owrenmek usullaryna uns bereliň. Poemalary okatmagyň ozune maxsus ayratynlyklary bar.

1.XX asyrdaky turkmen edebiýatynyň 50-8-nżi yyllaryndaky poeziýasynyň tematik we ideya taydan ösüş ýönelişlerini bilmelidir, ikinżiden, şu dowurdaki xasiyetli meseleleri owrenmelidir, üçünżiden poemalaryň sýażetini, kompozitsiya, obraz yasamak, doretmek usullaryna, ayratynlyklaryna uns bilen seretmek lazym.

Maksatnamada berlen poema boyunca materiallaryň gowrumini we sagadyny anyklmak zerurdyr. Xer bir sapagyň gyzykly we tasirli bolmagy ucin iň ilki geçilżek mowzugyň gowrumini we maksadyny dogry düşünmek arkaly sapak görnüşleriň gelip cykyar. Mysal ucin, maksatnamada berlen ikinżi żaxan urşy yyllaryndaky turkmen edebiyatyny öwrenmegiň dowamynda şu dowurdaki şaxyrlaryň poemalaryny okatmagyň meselelerine unsimizi çekeliň.

Şu dowur poemalaryny konfrentsiya we disput sapak görnüşleri bilen okatmaklyk göneżaý bolyar, sebabi mowzugyň gowrumi uly. Birnace

şaxyrlaryň poemalaryny düşündirmek we olary sanap gecmelidir. Şu nukday nazardan birnace soraglar tayyarlanylyp poemalar boyunca sorag-żogap metodyndan, disput sapagyndan peydalanmak bolyar. Bu pikir alyşmak sapagynyň maksady, wezipeleri, basgyclara bolmek usullary, olary baxalandyrmak meselesine, poemalaryň ideya-tematik ýönelişini, sýażetini, kompozitsiyasyny, cepercilik ayratynlyklaryny, obraz doretmek ussatlygyny, xarakter yasamak meselelerini okuwcylara owretmekden ybaratdyr[1].

Bu sapagy geçmegiň tertibi xakynda durup geçeliň. Sapagyn gurluşy başga sapak görnuşleri yaly gecilyar. Emma sapakda uruş yyllaryndaky poemalar boyunca giňräk pikir alyşmaklyk amala aşyrylýar. Şonuň ucin taze mowzugyň basgancagynda wagty koprak oňa beryaris.

**1.Sapagyň görnüşi**:

Okuwcylar bilen pikir alyşmak (disput sapagy).

**Sapagyň mowzugy:**

Ikinżi żaxan urşy yyllaryndaky poemalary owretmek.

**II. Sapagy gorkezme esbaplar bilen gurallandyrmak.**

1.XX asyrdaky turkmen edebiyaty.

2.Ylmy işlerden peydalanmak.

**3.Gorkezme gurallar**:

albomlar, şaxyrlaryň suratlary, goşgular toplamlary.

---

[1] Ýazymow O. Edebitiýaty okatmak metodikasy. Aşgabat, 1991., 41-sah.

**III. Sapagyn maksady:**

- Okuwçylaryň uruş dowrunde doredilen poemalaryna düşünżesini artdyrmak.

- Okuwcylara poemalar boyunca terbiye-bilim bermek.

- Okuwcylarda adakarcilik, watana wepalylyk, edep-ikramlylyk xasiyetlerini kämilleşdirmek.

- Okuwçylaryň pikirlerini, duygularyny, dil baylygyny osdurmek.

**IV. Sapagyň gidişi.**

**1.Guramacylyk dowri.**

Okuwçylaryň gatnaşygyny, tazeligini anyklamak. Sapak gecmage mumkincilik doretmek.

**2.Taze mowzuk.**

Uruş dowrundaki poemalary owrenmek.

Okuwcylara soraglar düşnükli bolmagy ucin synp taxtasyna yazylyp goyulyar.

Soraglar şeýle tertipde bolany makul.

